Bu tapgyr her bir gözleg maşynyny ulanmak bilen geçirilýän gözlegleriň garaşylýan netijeliliginiň kemelmegine laýyklykda gözleg maşynlaryny ulanmagyň yzygiderliligini ornaşdyrmagy talap edýär.

Özleriniň gurşap alan sebitleri, gözleg geçiriş ýörelgeleri (şol sanda, kabul edilýän ýüz tutmalaryň giriş dilleri we häsiýetnamalary), indeks bazasynyň göwrümi, maglumatlaryň täzeleniş tizligi, «stan-dart däl» maglumatlary gözlemek mümkinçilikleri we ş.m. boýun-ça biri-birlerinden tapawutlanýan gözleg ulgamlarynyň bary-ýogy birnäçe ýüzlerçesi häzirki wagtda bellidir. Serweriň indeks bazasynyň göwrümi we gözleg maşynynyň hut özüniň ösüş derejesi, ýagny onuň kabul edýän ýüz tutmalarynyň çylşyrymlylyk derejesi gözleg ulgamlaryny saýlap almagyň esasy kriteriýasy bolup durýar.

**Gözleg maşynlaryna ýüz tutmalaryň düzülişi we ýerine ýetirilişi.**

Bu adatça, gözlenip tapylan maglumatlaryň ägirt köp sanlysyny gaýtadan işlemek bilen bagly bolan has çylşyrymly we zähmeti köp talap edýän tapgyrdyr.

Saýlanyp alnan gözleg serwerlerine tezaurusyň esasynda ýüz tut-malar döredilýär. Ilkinji netijeler alnandan soň anyk, göz-görtele relewant däl maglumatlary bölüp aýyrmak maksady bilen ýüz tutmalaryň anyklanmagy mümkindir. Soňra gözlegiň maksadynyň nukdaýnazaryndan iň gyzykly hasaplanýan resurslardan başlap, olar saýlanyp alynýar we relewant diýlip hasap edilen resurslardan maglumatlar mundan beýläkki seljeriş işleri üçin ýygnalyp alynýar.

Ýüz tutmalaryň formaty, semantikasy ulanylýan gözleg maşynlaryna we anyk kesgitli predmet ugurlaryna baglylykda üýtgäp biler. Ýüz tutmalar gözleg ugry iň ýokary derejede anyklaşdyrylan we gysylan ýagdaýda bolar ýaly edilip düzülmelidir, ýagny bir giňişleýin ýüz tutma bilen deňeşdireniňde, birnäçe anyk ýüz tutmalaryň ula-nylmagyny ileri tutmalydyr. Umumy ýagdaýda tezaurusdaky esasy düşünjäniň her biri üçin ýüz tutmalaryň aýratyn paketi taýýarlanyl-ýar. Şeýle-de olary synag hökmünde durmuşa geçirmek – tezaurusy anyklamak we dolandyrmak üçin hem-de şowhun-şagalaň mag-lumatlaryny saýlap aýyrmak maksady bilen geçirilýär.

**Selim NURYÝEW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены